# Ýagyş ýaganda dörän setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýagyş ýaganda dörän setirler ÝAGYŞ ÝAGANDA DÖRÄN SETIRLER

Göwün guşum uçar gider,
Kalbym bagty guçar gider,
Ömri yşka duçar eder,
Hiňlenip ýagyş ýaganda.

Kalba ekip, yşk dänesin
Ömrüm hak ýoldan dänmesin.
Baglaryň kakýan lälesin,
Diňleýip ýagyş ýaganda.

Söýgüsin ýat eýlär jahyl,
Duýguly dünýäde şahyr,
Kä gussany myhman çagy:r,
Diňmeýip ýagyş ýaganda.

Örtünip ýaşyl öýmesin,
Sähra ýetirer öwgüsin.
Asman Zemine söýgüsin,
Dillenip ýagyş ýaganda.

Kän munda almaga ybrat.
Ýaşlykdadyr güýçli gurbat.
Geler Ýere Hakdan gudrat,
Derleýip ýagyş ýaganda.

Ýeňiş ýatdyr tekepbire,
Köňül baglanar tedbire,
Gaçyp bolmajak takdyra,
Ten berip ýagyş ýaganda.

02.05.2022 ý.

Nury SAKÇYÝEW. Goşgular